Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan milli gymmatlyklarymyzyň biri bolan türkmen alabaý itleriniň dünýä ýüzündäki şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak, olary gorap saklamak we köpeltmek, tohumçylygyny alyp barmak hem-de bu ugurda geçirilýän işleri halkara derejede ösdürmek boýunça uly tagallalar edilýär.

Syraty, edermenligi, wepalylygy bilen dünýä ýüzüni haýrana goýýan alabaýlarymyz hakynda Gahryman Arkadagymyz «Türkmen alabaýy» atly kitabynda: «Alabaý — biziň Watanymyzyň baýlygy. Ol biziň ata-babalarymyzyň döreden milli gymmatlygy. Ony gorap saklamak, ähli ajaýyplygy bilen geljekki nesillerimize ýetirmek biziň borjumyz» diýip nygtap geçýär.

2017-nji ýylda paýtagtymyz Aşgabat şäherinde geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň nyşany hökmünde alabaýyň şekiliniň saýlanyp alynmagy halkymyzyň alabaýyna bolan buýsanjyny, guwanjyny, olaryň dünýä ýüzündäki şöhratyny has-da artdyran waka boldy. Paýtagtymyzda umumy beýikligi 15 metre barabar bolan «Türkmen alabaýy» atly heýkel uzaklardan seleňläp görünýär.
Ata-babalarymyz uzak ýyllaryň dowamyndaky synçylygynyň netijesinde itler bilen baglanyşykly birnäçe nakyllary döredipdirler. «At – myrat», «It geldi, gut geldi», «Itim – gutum» diýen myrat we bagt bilen baglanyşykly pähimler türkmenleriň bedewlerinde myradyny, alabaý itlerinde bolsa bagtyny görendigini subut edýär. Çünki wepaly dosty we ynamdar syrdaşy hasaplap gelen bu ajaýyplygynyň gadymlygy, batyrlygy, duýgurlygy, edermenligi, akyllylygy bilen bir hatarda olaryň örän wepalydygyny, ynamdardygyny subut edýän köp taryhy maglumatlar kitapda öz beýanyny tapýar we häzirki döwürde has-da ýaşlarda türkmen alabaýlaryna bolan söýgini artdyrýar. Eli çeper ene-mamalarymyz bolsa, wepaly itiň keşbini özleriniň döreden sungat eserlerine siňdirmegi başarypdyrlar, ak öýleriň gapysynyň daşyndan asylýan eňsilere, sallançak we düşeklik keçelere «tazyguýruk», «it yzy» nagyşlary salypdyrlar. Alabaý köpasyrlyk taryhymyzyň dowamynda häzirki günlere çenli halkymyzyň wepaly hemrasyna öwrülen jandardyr.

Türkmen alabaýlaryny dünýäde uly meşhurlyga eýe eden, olaryň goralmagy, köpeldilmegi, milli gymmatlygymyz hökmünde nesillerden-nesillere dowamat-dowam bolmagy üçin beýik işleri amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun. Il bähbitli, ýurt ähmiýetli tutumlary hemişe rowaç alsyn!

Türkmen alabaýynyň baýramy gutly bolsun, eziz ildeşler!

**Batyr Döwranow**
**Türkmenistanyň Döwlet**

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024

**energetika institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024